**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**— GARAŞSYZ WATANYMYZ SAZLAŞYKLY ÖSÝÄN KUWWATLY DÖWLETLERIŇ BIRI HÖKMÜNDE BU GÜN DÜNÝÄDE GIŇDEN TANALÝAR.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2025-nji ýylyň 1-nji oktýabry

№ 79 (10416)

ÇARŞENBE



## HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYGYŇ AÝDYŇ BEÝANY

***Şöhrata beslenýän ýylymyzda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda umumadamzadyň bähbidine gönükdirilen oňyn Bitaraplyk syýasatyndan ugur alynýar. Ýakynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda iş saparynda bolup, BMG-niň 80-nji ýubileý mejlisine gatnaşdy. Türkmenistan parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmak, howpsuzlygy üpjün etmek ugrunda BMG-niň belent münberinden möhüm başlangyçlary öňe sürdi. Hormatly Prezidentimiz Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran iş saparynyň çäklerinde birnäçe netijeli duşuşyklary geçirdi. Olarda gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we has-da pugtalandyrmagyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.***

Hormatly Prezidentimiz Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran iş saparynyň çäklerinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, ýurdumyz sebitiň döwletleri bilen ählumumy parahatçylygyň, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmagyň bähbidine hyzmatdaşlyk etmäge ygrarlydyr.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişi şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyrdy. Çakylyk hoşallyk bilen kabul edildi.

* * *

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Kuweýt Döwletiniň Mirasdüşer Şazadasy Şeýh Sabah Al-Halid Al-Sabah bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we olary ösdürmegiň geljekki ugurlary barada pikir alyşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirip, şu duşuşygyň netijeleriniň özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdiler.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyna laýyklykda, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigini, bu wakanyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bilen gabat gelýändigini belledi we Şeýh Sabah Al-Halid Al-Sabahy şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyrdy. Kuweýt Döwletiniň Mirasdüşer Şazadasy çakylyk üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň sebitde we dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmakda möhüm ähmiýetini belledi.

* * *

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde Eswatininiň Patyşasy Mswati III bilen duşuşdy.

2

## Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisindäki ÇYKYŞY

*(Nýu-Ýork şäheri, 2025-nji ýylyň 23-nji sentýabry)*

***Hormatly Başlyk!***
***Hormatly wekiliýetleriň Baştutanlary hem-de agzalary!***
***Hanymlar we jenaplar!***

Ilki bilen, Sizi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň öz işine başlamagy bilen gutlamaga we netijeli işleri arzuw etmäge rugsat ediň! Hanym Annalena Berbogy Baş Assambleýanyň Başlygy wezipesine saýlanmagy bilen gutlaýaryn we oňa üstünlikleri arzuw edýärin. Şeýle hem ozalky sessiýanyň dowamynda Baş Assambleýanyň işine netijeli ýolbaşçylyk edendigi üçin ilçi Filemon Ýanga minnetdarlyk sözlerini aýtmak isleýärin.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Dünýäniň häzirki ýagdaýy, syýasy, ykdysady, durmuş prosesleriniň häsiýeti we meýilleri döwletlerden hem-de halkara guramalardan esasy umumy maksady gazanmagyň — parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, mundan beýläk-de okgunly ösüş üçin şertleri döretmegiň, häzirki zaman dünýä gurluşynyň binýadynda goýlan hukuk esaslaryny gorap saklamagyň bähbidine utgaşykly hyzmatdaşlygy talap edýär. Türkmenistan Baş Assambleýanyň 80-nji sessiýasynyň esasy wezipelerine hut şu nukdaýnazardan seredýär we berk deňagramly hem-de howpsuz dünýä arhitekturasyny döretmekde oňa uly umyt baglaýar.

Halkara parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esasy ugry bolup durýar. Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet hökmünde öz jogapkärçiligine düşünip, hyzmatdaşlyk, özara düşünişmek ýagdaýyny, ählumumy hem-de sebit derejesinde durnukly ösüşi üpjün etmäge ukyply esasy we kesgitleýji şert hökmünde özara hormat goýmak dialogyny döretmäge gönükdirilen anyk çäreleri mundan beýläk-de amala aşyrmaga taýýardyr. Häzirki wagtda bu wezipeleri ilerletmekde we ýerine ýetirmekde iň netijeli gurallaryň biriniň bitaraplyk ýörelgeleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegidigine berk ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň gün tertibine «Bitaraplyk — parahatçylygyň we howpsuzlygyň hatyrasyna» atly aýratyn bendi girizmek başlangyjyny öňe sürdi. Dünýä jemgyýetçiliginiň bitaraplygyň wajypdygyna, BMG-niň parahatçylyk döredijilikli strategiýasynda onuň mümkinçiliklerine we gurallaryna düşünýändiginden ugur alyp, muny möhüm diýip hasaplaýarys. Bu ugry dowam etdirmek bilen, Türkmenistan şu gezekki sessiýanyň dowamynda «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş prosesini üpjün etmek hem-de pugtalandyrmak işinde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň taslamasyna seretmegi teklip eder.

Mälim bolşy ýaly, şu ýyl Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Baş Assambleýa tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Bu şanly waka BMG-niň döredilmeginiň ýubileýine gabat gelýär. Şu ýylyň dekabrynda Türkmenistanda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna bagyşlanyp, ýokary derejeli iri halkara forum geçiriler. Bu foruma BMG-niň strategik maksatlaryny gazanmaga anyk goşant hökmünde garaýarys we oňa giň halkara wekilçiligiň gatnaşjakdygyna umyt edýäris.

Döwlet çemeleşmeleriniň dünýäniň ösüş meýillerine ýakynlaşmak prosesi, ynanyşmagyň we özara düşünişmegiň ýola goýulmagy hem-de pugtalandyrylmagy ulgamlaýyn, yzygiderli häsiýete eýe bolmalydyr diýip hasaplaýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Parahatçylyk we ynanyşmak medeniýeti meseleleri boýunça bütindünýä sammitini geçirmek başlangyjyny öňe sürýär. Halkara ynanyşmagyň ählumumy kodeksini işläp taýýarlamak sammitiň esasy wezipeleriniň biri bolar. Bu kodeks ýurtlaryň arasynda özygtyýarlylyga we çäk bitewüligine hormat goýmak, dünýä meselelerini bilelikde çözmek we hyzmatdaşlyk ýörelgeleri esasynda gatnaşyklary ýola goýmak üçin köpugurly esas bolup hyzmat eder.

Ählumumy parahatçylygy, özara düşünişmegi üpjün etmek meselelerine häzirki zaman ösüşiniň ugurlary, medeni we ruhy gatnaşyklary gorap saklamagyň hem-de ýakynlaşdyrmagyň zerurdygy bilen aýrylmaz baglanyşykda garaýarys. Bu babatda ýüzýyllyklaryň dowamynda Gündogar bilen Günbataryň arasynda medeni köpri bolan Merkezi Aziýa häzirki günde öz taryhy wezipesini gaýtadan dikeldip, dialog, hyzmatdaşlyk babatda dünýägaraýyşlary we gymmatlyklary ýakynlaşdyrmak üçin giňişlik bolmalydyr. Şundan ugur alyp, Türkmenistan şu gezekki sessiýanyň dowamynda BMG bilen hyzmatdaşlykda hem-de sebitiň ýurtlarynyň, beýleki gyzyklanma bildirýän döwletleriň, halkara institutlaryň gatnaşmagynda «Merkezi Aziýa — parahatçylykda ýaşamagyň giňişligi» atly halkara forumy geçirmegi teklip eder. Şeýle hem Türkmenistan Baş Assambleýanyň garamagyna Halkara araçylyk gününi yglan etmek hakynda Kararnamanyň taslamasyny hödürlär. Bu Kararnama gapma-garşylyklaryň öňüni almakda we kadalaşdyrmakda diplomatiýanyň hem-de bitarap meýdançalaryň ähmiýetini nygtar.

Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmaga gatnaşmak, onuň ulag we energetika ýaly esasy ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň ileri tutýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu mesele boýunça köptaraplaýyn dialogyň merkezleriniň biri bolmak bilen, Türkmenistan adalatly, deňagramly we inklýuziw halkara ösüş ulgamyny döretmäge ýardam bermegini dowam etdirer. Şu gezekki sessiýanyň dowamynda degişli Kararnamanyň taslamasyny hödürläp, 2026 — 2035-nji ýyllar üçin «BMG-niň Durnukly ulag boýunça onýyllygyny» yglan etmek başlangyjyny öňe süreris. Munuň ulag geçelgelerini ösdürmek, olaryň durnuklylygyny ýokarlandyrmak we ähli ýurtlar üçin elýeterliligini üpjün etmek üçin halkara jemgyýetçiligiň tagallalaryny birleşdirmäge mümkinçilik berjekdigine ynanýarys. Şeýle hem ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň garamagyna «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamanyň taslamasyny hödürlär.

Häzirki wagtda sanly özgertmeler ösüş gün tertibiniň ileri tutulýan meseleleriniň hatarynda durýar. Bu prosesiň deňagramly häsiýete eýe bolmalydygyna, onuň ähli döwletleriň, şol sanda ösüp barýan ýurtlaryň kanuny bähbitlerini göz öňünde tutmalydygyna, syýasylaşdyrylmakdan we birtaraplylykdan azat bolmalydygyna ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan deňhukuklylyk, ynanyşmak we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň zyýanyna ulanylmagyna ýol bermezlik ýörelgelerine esaslanýan Sanly integrasiýa boýunça bütindünýä platformasyny döretmek başlangyjy bilen çykyş etmegi meýilleşdirýär.

80-nji sessiýanyň dowamynda Türkmenistan ekologiýa we howanyň üýtgemegi meseleleri boýunça işleri-de dowam eder hem-de bu meselelere howpsuzlygy üpjün etmegiň, howa, ekologiýa we tehnogen hadysalara gözegçilik etmegiň köptaraplaýyn gurallaryny döretmek boýunça binýatlaýyn çemeleşme hökmünde yzygiderli esasda garalmagyny maksat ediner.

Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlary üçin çölleşmä garşy göreşmek boýunça sebit merkezini döretmek başlangyjyny öňe sürýär. Şeýle merkeziň döredilmegi sebit mümkinçiliklerini birleşdirmäge, daşky gurşawy goramak ulgamynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam berer, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmaga, hususan-da, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, gury ýeriň ekoulgamlaryny gorap saklamak işine saldamly goşant goşar diýip hasaplaýarys. Ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda öňe sürlen we Hazar deňziniň ekoulgamyny gorap saklamak üçin halkara platformany döretmäge gönükdirilen Hazar ekologik başlangyjyny ilerleder. Hazar ekologiýa forumy bu ugurda möhüm ädim bolar. Ony 2026-njy ýylda geçirmegi teklip edýäris.

Häzirki wagtda giň ynsanperwer hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin BMG-niň ornuny pugtalandyrmagyň, halklary ýakynlaşdyrmaga we olaryň arasynda özara düşünişmegi berkitmäge, ruhy-medeni gymmatlyklaryň tapawutlylygyndan gelip çykýan päsgelçilikleri aradan aýyrmaga, medeni diplomatiýanyň netijeli ýollaryny herekete getirmäge ýardam etmegiň möhümdigine ynanýarys. Medeniýetleriň arasynda dialogy ösdürmek we Baş Assambleýanyň halkara gatnaşyklarda köpdilliligi goldamak boýunça Kararnamalaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin Köpdilli diplomatiýanyň halkara gününi yglan etmegi teklip edýäris.

***Hormatly wekiliýetleriň Baştutanlary hem-de agzalary!***

Türkmenistan hemişe ähli halkara başlangyçlaryny BMG-niň Tertipnamasyna we esas goýujy resminamalaryna, uzak möhletli maksatlaryna laýyk getirýär. BMG bilen hyzmatdaşlygyň Türkmenistanyň ileri tutýan strategik ugry bolup durýandygyny hemişe nygtamagymyz tötänden däldir. Biz BMG-niň köpugurly ygtyýarlyklara eýe bolan ýeke-täk halkara guramadygyny ynam bilen aýdýarys. Birleşen Milletler Guramasy parahatçylygyň we ösüşiň kepili, ählumumy howpsuzlygyň, durnuklylygyň binýady bolmagynda galmalydyr.

Türkmenistan halkara işlerde BMG-niň eýeleýän esasy ornuny pugtalandyrmak ugrunda yzygiderli çykyş etmegini dowam etdirer. Şunda halkara hukugyň berkidilmegini, halkara kadalaşdyryş binýadynyň kämilleşdirilmegini, BMG-niň konwensiýalarynyň, şertnamalarynyň, ylalaşyklarynyň we beýleki köptaraplaýyn resminamalarynyň durmuşa geçirilişiniň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyny munuň esasy şerti diýip hasaplaýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan 2028-nji ýyly «Halkara hukugyň ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjy öňe sürýär. Munuň özi parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň halkara hukuk binýatlaryny pugtalandyrmakda möhüm ädim bolar.

***Hanymlar we jenaplar!***

Şu mejlis Türkmenistan üçin aýratyn ähmiýete eýedir. 30 ýyl mundan ozal şu ýerde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamany biragyzdan kabul etdi. Ol ýurdumyz üçin taryhy waka bolup, Türkmenistanyň geljekki daşary syýasy we halkara işini kesgitledi. Biziň Bitaraplygymyzyň halkara derejede ykrar edilmegi daşarky amatly şertleri üpjün edip, döwletimiziň içerki ösüşini işjeňleşdirmäge ýardam berdi. Mümkinçilikden peýdalanyp, Türkmenistanyň halkynyň adyndan BMG-ä agza döwletlere, tutuş dünýä jemgyýetçiligine 1995-nji ýylyň dekabrynda kabul edilen we Baş Assambleýanyň soňky iki Kararnamasy bilen tassyklanan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny ykrar etmek baradaky çözgüt üçin minnetdarlyk bildirmek isleýärin. Türkmenistan özüne bildirilen ynamy hemişe ýatda saklar we öz üstüne alan halkara borçnamalaryna pugta eýerer.

Ähli wekiliýetleri Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň öz işine başlamagy bilen ýene-de bir gezek gutlaýaryn we hyzmatdaşlygymyzy hem-de özara düşünişmegimizi pugtalandyrmakda üstünlikleri arzuw edýärin.

WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!

# HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYGYŇ AÝDYŇ BEÝANY

1 Söhbetdeşler birek-biregi mähirli mübärekläp, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň çäklerinde duşuşmaga we ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmegiň ugurlary barada pikir alyşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdiler. Eswatininiň Patyşasy şu ýylyň awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň ýokary derejesini belledi hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin ýene-de bir gezek hoşallygyny beýan etdi.

* * *

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran iş saparynyň çäginde Portugaliýa Respublikasynyň Prezidenti Marselo Rebelo de Souza bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler birek-biregi mähirli mübärekläp, şu duşuşygyň iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlaryny kesgitlemäge we türkmen-portugal gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdiler.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyna laýyklykda, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýyly diýlip yglan edilendigini, bu wakanyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy bilen gabat gelýändigini nygtady we Prezident Marselo Rebelo de Souzany şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Dostlukly ýurduň Prezidenti çakylyk üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyga esaslanýan parahatçylyk döredijilikli daşary syýasatynyň dünýä giňişliginde giň goldaw tapýandygyny, munuň ählumumy dialogyň jogapkärli gatnaşyjysy hökmünde ýurdumyzyň halkara abraýyny pugtalandyrýandygyny belledi.

* * *

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Awstriýa Respublikasynyň Federal Prezidenti Aleksandr Wan der Bellen bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler mähirli salamlaşyp, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň mejlisiniň geçirilýän günlerinde duşuşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdiler we şu gepleşikleriň netijeli pikir alyşmaga, iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ugurlaryny kesgitlemäge ýardam berjekdigini tassykladylar.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigini we bu wakanyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna gabat gelýändigini belledi hem-de Prezident Aleksandr Wan der Belleni şanly sene mynasybetli 12-nji dekabrda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Dostlukly ýurduň döwlet Baştutany çakylygy hoşallyk bilen kabul edip, Türkmenistanyň durmuşa geçirýän Bitaraplyk syýasatynyň ählumumy parahatçylyga möhüm goşant goşýandygyny we halkara jemgyýetçiligiň giň goldawyna eýe bolýandygyny belledi.

* * *

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Prezidenti Karin Keller-Zutter bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler birek-biregi mähirli mübärekläp, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň mejlisiniň geçirilýän günlerinde duşuşmaga we iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň meseleleri boýunça özara pikir alyşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdiler.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen şu ýylda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň bellenilýändigini, bu waka mynasybetli 12-nji dekabrda Aşgabatda halkara forumyň geçiriljekdigini aýtdy we hanym Karin Keller-Zutteri bu iri çärä gatnaşmaga çagyrdy.

Dostlukly ýurduň Prezidenti çakylyk üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň, halkara dialogy berkitmek, ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda öňe sürýän başlangyçlarynyň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# BAGTYÝAR PURSATLARYŇ BUÝSANJY



*Golaýda Arkadag şäherindäki Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde bejergi alýan hem-de paýtagtymyzdaky Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalar ýatda galyjy wakalar bilen begendirildi. Olara mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyndan süýjülik nygmatlary gowşuryldy. Çagalara gowşurylan nygmatlaryň hatarynda dürli miweler, gök-bakja, çörek we süýji-köke hem-de şöhlat önümleri, miwe suwlary bar.*

Gahryman Arkadagymyzyň adyny göterýän çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň we Döwletliler köşgüniň çagalary iberilen baýramçylyk sowgatlaryny uly şatlyk bilen kabul etdiler. Munuň şanyna baýramçylyk toýy toýlandy. Çagalar öz hoşallyklaryny döredijilik eserlerinde, goşgularynda, aýdymdyr sazlarynda, şadyýan tanslarynda beýan etdiler. Şeýle şatlykly pursatlar bilim işgärleriniň her birini buýsandyrýar. Çünki çagalaryň şatlygy kalbymyzda buýsanç döredýär.

Arkadag şäherindäki sagaldyş-dikeldiş merkezinde hem ýurdumyzyň sebitlerinden çagalaryň bejergi almaklary, sagdyn we bagtyýar durmuşa gadam basmaklary üçin tassyklanan meýilnama boýunça işler alnyp barylýar. Haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna goňşy we alysdaky döwletlerde dürli hadysalar zerarly ejir çeken çagalara hem ýardam goly uzadylýar.

Hawa, abadan we bagtyýar çagalyga, saglyga, ösüşe, arassa dünýä, päkize howa we suwa, ýokary hilli iýmitlenmäge hukuk — bularyň ählisi çaganyň hukuklarynyň aýrylmaz bölegidir. Bular çagalarymyzyň ýaşaýşa bolan hukugy berjaý edilende mümkindir. Çagalarymyza parahat geljegi üpjün etmek iň mynasyp, asylly we ynsanperwer wezipedir. Arkadag şäherindäki Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde bejergi alýan hem-de paýtagtymyzdaky Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalaryň sagdyn, şadyýan, kämil nesilleriň hatarynda kemala gelmekleri üçin hormatly Prezidentimiz, Gahryman Arkadagymyz tarapyndan taýsyz tagallalar edilýär. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, sahawatly işleri rowaçlyklara beslensin!

**Bahar HUDAÝKULYÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki 53-nji orta mekdebiň mugallymy.**

Şu gün Ýaşulularyň halkara güni

# ÝAŞULULARA BELENT SARPA

***Türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly ýörelgeleri bar. Şeýle asylly ýörelgeleriň biri hem ýaşuly nesle hormat-sarpa bilen garamak, olaryň maslahatyny diňlemek ýaly ýörelgelerdir. Bu ýörelge Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has hem rowaçlanýar. Bu günki ýaşlarymyz ýaşuly nesle belent sarpa bilen garaýarlar. Çünki ýaşulularyň öwüt-ündewi, göreldesi biziň her birimiziň durmuş mekdebimizdir. Şonuň üçin hem häzirki ýaş nesillerimiz halkymyzyň gadymdan gelýän ýörelgesine ygrarly bolýarlar, milli däp-dessurlarymyzy sarpalaýarlar.***

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiz milli däp-dessurlaryna, asylly ýörelgelerimize belent sarpa goýýar. Şonuň üçin hem asylly ýörelgelerimiz rowaçlanýar, şöhratly taryhda toplanan däp-dessurlar mynasyp dowam etdirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Parasatly ata-babalarymyz nesillere ajaýyp däpleri miras galdyrypdyrlar. Agzybirlik, zähmetsöýerlik, ýaşuly nesle hormat-sarpa goýmak halkymyzyň asyrlarboýy durmuş kadasyna öwrülip geldi. Biziň ýaşlarymyz şol däpleri dowam etdirmelidirler. Ösüp gelýän nesilleri şu ýörelgeler esasynda terbiýelemek hemmämiziň



wezipämiz bolmalydyr». Şeýle hem ýurdumyzda ýaşulularyň «Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy» diýen at bilen sylaglanyp durulmagy olaryň hormatynyň, mertebesiniň belende göterilmeginiň ajaýyp beýanydyr. Şonuň ýaly hem «Zenan kalby» ordenine mynasyp bolan enelerimize dabaraly ýagdaýda sylaglar gowşurylýar.

Her ýylda bellenilýän Ýaşulularyň halkara güni adamzat gymmatlyklaryny baýlaşdyrýan hem-de ynsanperwer ýörelgeleri dabaralandyrýan möhüm ähmiýetli senedir. Bu sene häzirki wagtda ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda hem mynasyp orun eýeleýär, çünki bu ýörelgeler halkymyzyň gadymdan gelýän däp-dessurlaryna laýyk gelýär.

Ýaşulular ýaşlaryň görüm-göreldesidir, döwrümiziň wagyzçysydyr. Olar kalbyňa mähir çaýýan sözleri bilen durmuş ýoluňy nurlandyrýarlar, geljege ak ýoly salgy berýärler. Ýaşulularymyz hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän beýik başlangyçlaryny dürli duşuşyklarda ýaşlarymyzyň kalbyna guýýarlar. Ýaşulular Watanymyza, il-halkymyza, hormatly Prezidentimize wepaly bolmagy ündeýän, agzybirlige çagyrýan pederlerimizdir.

Häzirki wagtda hem ýaşulularymyz döwletli Diýarymyzy ösdürmäge, Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan alnyp barylýan özgertmelere işjeň gatnaşýarlar. Olar halypa-şägirtlik däbini hem dowam etdirip, özleriniň baý iş tejribesini ýaşlar bilen paýlaşýarlar, olaryň ýurdumyzyň ösmegi, gül açmagy üçin yhlasly işlemeklerine giň ýol açýarlar. Çünki durmuş tejribesini geçen ýaşuly nesliň işleriň netijeliligini gazanmakdaky baý maglumatlary her birimiz üçin aýdyň ýoldur.

Ýaşulularymyza uly hormat goýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, il bähbitli, umumadamzat ähmiýetli beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

*Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzyň ösüşi barha ýokarlanýar, dünýäde uly abraýa eýe bolýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda gazanylýan üstünlikler, beýik ösüşler ähli ildeşlerimizi guwandyrýar, döredijilikli işlemäge ruhlandyrýar. Belent ösüşlere beslenýän ajaýyp döwrümizde her bir pudakda täze üstünlikler gazanylýar, döwrebap işler durmuşa geçirilýär. Mälim bolşy ýaly, ýakynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde täze, döwrebap Döwletli mekan obasynyň dabaraly açylyşy boldy. Şeýle hem Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginde täze, döwrebap Bitaraplyk şäherçäniň hem-de awtomobil köprüleri açylyp ulanmaga berildi. Bularyň ählisi milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlygynyň, halk bähbitli işleriň yzygiderli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň beýanydyr.*

# HALK BÄHBITLI IŞLER

Häzirki döwürde ýurdumyzy ösdürmäge, ylmyň gazananlaryny işe ornaşdyrmaga aýratyn üns berilýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly syýasatynyň esasy ugry bolup, döwür bilen aýakdaş gitmek, ösüşiň geljegini nazarda tutmak bilen pugta baglanyşyklydyr. Şeýle asylly ýörelgelerden ugur alynýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri belent maksatly ösüşleriň döwri bolup, biziň her birimiziň kalbymyza dolýar.

Ýurdumyzda ähli pudaklaryň üstünlikli ösdürilmegi daşary söwdanyň, döwletara ykdysady hyzmatdaşlygynyň gerimini has-da giňeltmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň ylym we bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça hem uly işler durmuşa ornaşdyryldy. Aýratyn hem, milli ykdysadyýetimiziň ösüşinde ylmy-tehniki innowasion ösüşlere, öňdebaryjy işläp taýýarlamalar tejribelerine uly ähmiýet berilýär. Bu aýdyň maksatly işleriň ählisi ýurdumyzyň geljegi bolan ýaş nesillerimiziň döwrebap ylymly-bilimli bolmagyna giň mümkinçilikleri döredýär.

**Gurban GARAÝEW,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy.**

*Hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara giňişlikde öňe sürýän parahatçylyk, ynanyşmak we hoşniýetli hyzmatdaşlyk ýörelgelerinden ugur alyp, dünýä döwletleri, halkara guramalar, öňdebaryjy kompaniýalar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýýar. Energetika we ulag ulgamyny ösdürmek, beýleki üpjünçilik taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi olaryň esasy ugurlaryna degişlidir. Bu ugurlar boýunça ýurdumyzda sebit derejesinde hyzmatdaşlyk etmekde uly mümkinçilikler bar. Häzirki wagtda Türkmenistan sebitde energetika taýdan kuwwatly döwletleriň biri bolmak bilen, halkara üstaşyr ulag geçelgeleriniň çatrygyna öwrülýär. Bitarap döwletimiziň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ulag ulgamy we energetika howpsuzlygy bilen bagly Kararnamalaryň kabul edilmegi hem-de bu ugurlar boýunça soňky ýyllarda amala aşyrylýan iri taslamalar muňa aýdyň şaýatlyk edýär.*

# EZIZ DIÝARYŇ BEÝIK ÖSÜŞLERI

Häzirki wagtda ilatyň bolelin, eşretli, bagtyýar durmuşyny energiýa serişdelerinden, hususan-da, elektrik energiýasynyň berýän eşretinden üzňe göz öňüne getirmek mümkin däldir. Biziň ýurdumyzda bolsa adamyň gündelik durmuşy üçin gymmatly bolan energiýa serişdesiniň baý gory bar. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen berkarar döwletimiz dünýäniň iri energetika döwletleriniň birine öwrüldi. Kabul edilýän aýdyň maksatnamalara laýyklykda, elektrik energiýasyny öndürmek ýylyň-ýylyna artdyrylýar. Energetika pudagynyň durnukly ösdürilmegi netijesinde, dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýän elektrik energiýasynyň eksporty yzygiderli artdyrylýar. Gysga döwürde kuwwatly elektrik beketleriniň, täze elektrik geçirijileriniň gurulmagy netijesinde, energetika pudagynyň kuwwaty has-da artdy. Bu bolsa ýurdumyzyň sarp edijilerini elektrik energiýasy bilen doly üpjün etmäge, şeýle hem türkmen elektrik energiýasyny daşary ýurtlara eksport etmäge mümkinçilik berýär. Transmilli elektrik geçirijileri möhüm ykdysady we geosyýasy ähmiýete eýe bolup, olar sebitde parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmaga, döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly döwlet syýasatynyň netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ylmy we bilimi düýpli ösdürmek, onuň gazananlaryny milli ykdysadyýetde netijeli ulanmak, halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmak ýaly möhüm meseleler ileri tutulýan ugurlaryň hataryna çykaryldy. Bilim ulgamyndaky öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bu ugurda oňyn netijeleriň gazanylmagyny şertlendirdi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň her bir güni taryhy wakalara, toý-dabaralara beslenýär. Şu ýylyň Bilimler we talyp ýaşlar gününde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň ýanaşyk çäklerinde 2 müň orunlyk täze goşmaça okuw binasynyň, 800 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýynyň, ýapyk görnüşli sport desgasynyň hem-de aýlawly ýolda monumentiň açylyp ulanmaga berilmegi her birimiz üçin ýatda galyjy wakalara beslendi. Täze okuw binasynda Gün energiýasy, ýel energiýasy, bioenergetika, innowasion akkumulýasiýa tehnologiýalary, robot tehnikasy we emeli aň ýaly ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça kämilleşmäge ähli şertler üpjün edilendir.

Durmuşa geçirilýän beýik işler Watanymyzyň dünýädäki abraý-mertebesini, şan-şöhratyny artdyrmak bilen bir hatarda, ösüşiň türkmen ýoluny hem-de onuň rowaçlygyny dünýä äşgär etdi.

**Şanazar ALLAKULYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.**

# ASYLLY ÝÖRELGELERIŇ ROWAÇLYGY

***Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhynda dowam edip gelen asylly ýörelgeleriň mynasyp dowam etdirilmegi we döwlet derejesinde dabaralandyrylmagy milli däp-dessurlarymyza goýulýan sarpanyň aýdyň subutnamasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde eziz Diýarymyzda ähli ugurlarda deňi-taýy bolmadyk üstünlikler gazanylýar.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň ulus-il bolup geňeş etmek dessury Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mysalynda durmuşymyzda giňden orun aldy. Halk Maslahaty täze döwrüň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ata-babalarymyzdan miras galan däp-dessurlar esasynda alnyp barylýandygynyň, agzybir we jebis halkymyzyň pähimdar pederlerimiziň asylly ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygynyň aýdyň beýanyna öwrüldi. Döwleti we jemgyýeti dolandyrmagyň köpasyrlyk tejribesine daýanýan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi bu asylly ýörelgeleriň döwrebap dabaralanmasydyr.

Şu ýylyň 19-njy sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi taryhy ähmiýete eýe boldy we ähli ildeşlerimizi buýsandyrdy. Türkmenistanyň Halk Maslahaty demokratiýanyň milli nusgasy bolmak bilen, agzybirligi pugtalandyrýan, jemgyýeti jebisleşdirýän güýç bolup durýar. Şeýle hem Halk Maslahaty ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan has-da ösdürmäge gönükdirilen giň gerimli özgertmeleriň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna täsir edip, döwlet ähmiýetli meseleleri çözmäge işjeň gatnaşýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän beýik başlangyçlary, döwrebap özgertmeleri kalbymyzda buýsanç döredýär. Çünki döwlet derejesinde amala aşyrylýan her bir işiň özeninde halkyň bähbidi, ýurdumyzyň beýik ösüşlerine ýol açýan döwrebap başlangyçlar bar.

**Işanguly MERETNYÝAZOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mugallymy.**

Usulyýet — sapagyň esasy

## OKAMAK WE ÝAZMAK ENDIGINI KÄMILLEŞDIRMEK

Başlangyç synplarda okuwçylara başlangyç bilim bermek bilen, olarda berk bilim binýadyny kemala getirmek möhüm wezipedir. Okamak we ýazmak babatynda okuwçylaryň ünsüni çekmek hem-de olarda multimedia tagtasyndan ýa-da kitapdan ýalňyşsyz göçürmek, ýalňyşsyz okamak usulyny ulanmak zerurlykdyr. Harplar we sanlar öwredilende, synpdaky okuwçylaryň her biri bilen aýratyn işleşmek okuw usulyny ulanmak üstünlik getirýär. Okuwçylaryň okuw döwründe her bir berlen ýumşy ýadynda saklamagyny we ýerine ýetirmegini gazanmak mugallymyň esasy wezipesidir, ýagny öý işlerine taýýarlanmak, okamak we ýazmak bilen çäklenmän, ýat tutmaly zatlary ýat tutup gelmeklerini talap etmek zerurdyr.

Bu döwürde başlangyç synp okuwçylarynyň öýlerinde ata-eneleriniň hem olary goldamagy zerur bolup durýar. Ata-eneler çagalaryndan talapkär bolup, öz çagalaryna: «Bu gün näçe sagat okadyňyz, ertir näçe sagat okamaly?» diýen ýaly sowal bilen ýüzlenmeli. Şonuň ýaly-da, «Öý işleriňize taýýarlanyň, ertirki okuwlaryňyz boýunça kitap-depderleriňizi taýýarlaň!» diýen ýaly talaplar olarda okuwa bolan jogapkärçiligi artdyrýar.



Başlangyç synplarda guralýan ýazuw sapagy hem mugallymdan köp zähmet siňdirmegi talap edýär. Ýazuwy elinden tutup ýazyp öwretmek, okuwçyny ýadatmazdan gaýtalap ýazmagy endik etdirmek başlangyç synp mugallymynyň zähmeti köp siňdirmegi bilen berk baglydyr. Başlangyç synpda okaýan okuwçylaryň owadan we ýalňyşsyz ýazmagyny gazanmak mugallymyň uly üstünligidir. Çünki başlangyç sowat we bilim okuwçynyň tutuş ykbalyna täsirini ýetirýär diýsek ýalňyş bolmaz. Başlangyç sowady berk bolan okuwçylar soňra bilimli bolup, ugrugyp gidýärler. Başlangyç sowadyň berk binýadyny berýän mugallymlaryň özlerinde-de okatmagyň usuly we pedagogikasy ýokary derejede bolmaly. Çagalar bilen işlemegiň başlangyç synp pedagogikasy okatmagyň usullarynyň köp ugurlaryny bilmegi talap edýär.

Başlangyç synplarda dürs okamagy we ýazmagy öwretmekde üstünlik gazanmak mugallymyň irginsiz zähmetine baglydyr. Esasan hem, sapagy täsirli guramak arkaly okuwçylarda okuwa düşünjeli garaýşy, okamaga bolan höwesi terbiýelemek möhümdir. Şeýle edilende, geçilýän temalar okuwçylar tarapyndan has oňat özleşdirilýär. Şol wezipeleriň biri-de, okuw işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga, okuwçylaryň işjeňligini artdyrmaga giň mümkinçilik berýän häzirki zaman usullaryndan peýdalanyp, sapaklary ýokary derejede guramakdyr. Häzirki wagtda giňden ulanylýan usullaryň biri interaktiw usulydyr. Bu usulda sapaklar multimedia synp tagtasynda guralýar. Bu usuldan peýdalanylanda, mugallym bilen okuwçylaryň arasynda yzygiderlilik berk bolýar. Sebäbi multimedia tagtasy häzirki zaman tehnologiýasynyň gazanan artykmaçlygy bolup, okuwçynyň ünsüni özüne çekýär.

Umuman, okatmagyň usuly artykmaçlyklaryny saklamak mugallyma degişli bolan ussatlykdyr. Häzirki wagtda mugallymlara hem ussatlyk derejelerini artdyrmaga diýseň uly mümkinçilikler bar.

**Ogulkeýik ANNABERDIÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 143-nji orta mekdebiň mugallymy.**

## OKUWÇYLARA HÜNÄR ÖWRETMEK

Ösüp gelýän ýaş nesillerde hünäre höwes döretmek, olarda zähmet endiklerini kemala getirmek möhümdir. Bu ugurda esasy usullaryň biri hem okuwçylarda kitap okamak endiklerini terbiýelemekdir. Okuwçylara özleriniň halaýan çeper eserlerini, şahyrlarynyň kitaplaryny we gazetdir žurnallary yzygiderli okamalydygyny nygtaýarys. Çünki täzelikler bilen diňe okamak arkaly tanşyp bolýandygy hakynda aýdýarys. Şeýle hem kitap okamak bilen çagada zähmet endikleriniň, oňat edep-terbiýäniň kemala gelýändigini nygtaýarys. Orta mekdepleriň 5 —7-nji synplary üçin durmuş zähmeti dersleri boýunça okuw maksatnamasynda ýörite okuw sagatlary bölünip berilýär. Okuw ýylynyň dowamynda 5-nji synplara iki okuw sagadynyň, 6-njy we 7-nji synplar üçin bir okuw sagadyň dowamynda ata-babalarymyzyň zähmet çekmek, hünär öwrenmek bilen bagly pähimleriniň many-mazmunyny okuwçylara düşündirmek öňümizde durýan esasy wezipeleriň biridir.

Okuwçylar bilen «Paýhas çeşmesi» atly kitapdan zähmet, hünär hakyndaky nakyllary, atalar sözlerini bir ýere jemledik we olary okuwçylaryň ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutup, toparlara böldük. Şonuň netijesinde 5-nji synpda, «El hünäri il gezer», «Ýigide müň dürli hünär hem az», «Zähmet soňy — rehnet», «Bir kesbi bolan hor bolmaz», «Halal zähmet — baky döwlet», «Zähmetsiz iş bolmaz», «Ýigit görki — hünär», «Guralyň düz — azabyň az», «Hünärli — zor, hünärsiz — hor», «Ussaly oba biter, ussasyz oba ýiter», «Şägirt bolmadyk halypa-da bolmaz», «Hünäri ýok kişiniň, netijesi bolmaz işiniň» diýen nakyllaryň we atalar sözleriniň manysyny giňişleýin düşündirýäris we okuwçylaryň depderlerine ýazdyrýarys.



6-njy synpda bolsa durmuş zähmeti sapaklarynda şeýle nakyllaryň manysyny öwretmek bolar. Mysal üçin, «El görki — hünär», «Demir kesseň gysga kes, süýse bolar, agaç kesseň uzyn kes, kesse bolar», «Ýüz hünäri çala bilenden bir hünäri doly bil», «Her iş öz ussasynyň elinde aňsat», «Hünär eýesini eziz eder», «Şägirt halypadan ozdurmasa, hünär ýiter» ýaly nakyllaryň manysyny öwretmegiň, elbetde, okuwçylar üçin terbiýeçilik täsiri has uludyr.

7-nji synpda «Paýhas çeşmesi» atly kitapdan belli temalar boýunça okuwçylaryň özlerine hünär öwrenmek, zähmet çekmek bilen bagly nakyllary jemledýäris. Mysal üçin, «Hünärli ýigit — miweli agaç», «Hünär — akar bulak, ylym — ýanar çyrag», «Senet — eliň altyn bilezigi», «Azaby — öňde, rehneti — soňda», «Işli elim görkli», «Hünär hünärden öner, önmese ýoga döner». Soňra bolsa okuwçylardan nakyllaryň aňladýan manylaryny soraýarys. Nakyllary ýat tutdurmak we manylaryny öwretmek okuwçylaryň sözleýiş diliniň kämilleşmegine, akyl baýlygyna, pikir işjeňligine hem-de zähmet endikleriniň döremegine oňyn täsirini ýetirýär.

«Paýhas çeşmesi» atly kitapdan zähmet, hünär hakyndaky nakyllar we atalar sözleri öwredilende Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp kitaplaryndan, rowaýatlardyr tymsallardan peýdalanmak sapagyň täsirliligini has-da artdyrýar. Özara sorag-jogap, pikir alyşmak bolsa okuwçylaryň höwes bildirýän hünärlerini anyklamaga we olaryň ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmäge degişli degerli maslahatlary bermäge ýardam edýär.

**Döwletmämmet GARAKLYÝEW,**
**Balkanabat şäheriniň Gumdag şäherçesindäki 30-njy orta mekdebiň mugallymy.**

BILIM IŞGÄRLERINIŇ iş tejribesinden

### TÜRKMEN DILI SAPAGYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Türkmen dili dersinden okadýan 8-nji synpymyzda «Goşma sözlemleriň görnüşleri» diýen temany geçýäris. Temany okuwçylara düşündirenimizde, olaryň ýadynda galmagy we öwrenmekleri üçin birnäçe usullary peýdalanýarys. Ilki bilen, okuwçylara goşma sözlemleriň nämedigini düşündirýäris. Goşma sözlemler gurluşlary taýdan iki hilidir: düzmeli goşma sözlemler we eýerjeňli goşma sözlemler. Düzmeli goşma sözlemleriň içindäki ýönekeý sözlemleriň her haýsyny özbaşdak hem ulanmak bolýar. Meselem: *Meniň malym bar, döwletim bar, altyndan guýlan aşygym hem bar, emma munuň ýaly janly altyn aşygym ýok*.

Goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemler deň derejede düzülýär. Şonuň üçin, olar düzmeli goşma sözlem diýlip atlandyrylýar. Mysal alnan goşma sözlemden «emma» sözüni aýyrsak, onda ol sözlemleriň her birinde özbaşdak ulanylmagy mümkin bolan birnäçe ýönekeý sözlemiň bardygyny göreris. Eýerjeňli goşma sözlemde bolsa, onuň içindäki ýönekeý sözlemlerden diňe biri baş pikiri aňladýar, beýlekisiniň onuň habaryna ýada işliklerden bolan bir agzasyna degişli soraga jogap bolup gelýändigini düşündirýäris. Bu hili goşma sözlemde diňe baş pikiri aňladýan ýönekeý sözlemiň özbaşdak ulanylyp bilinýändigini, beýleki sözlemi özbaşdak ulanyp bolmaýandygyny tekstlerden saýlap, dürli mysallaryň üsti bilen düşündirýäris. Sapakda temanyň has düşnükli bolmagy üçin gönükmeleri işledýäris. Okuwçylara özbaşdak işleri hem tabşyrýarys. Goşma sözlemiň iki görnüşine degişli mysallary çeper eserlerden, romanlardan, okap, depderlerine ýazyp gelmeklerini tabşyrýarys.

**Jemal ATAÝEWA,**
**Arkadag şäherindäki iňlis diline ýöriteleşdirilen 4-nji orta mekdebiň mugallymy.**

### SANLY ULGAMYŇ ÄHMIÝETI

Iňlis dili sapaklarynda okuwçylaryň sözleýiş medeniýetini kämilleşdirmekde innowasion tehnologiýalardan peýdalanmagyň ähmiýeti örän uludyr. Innowasion tehnologiýasyny ulanmak bilen, sapak guramak düzgünleri okuwyň guralyşyny işjeňleşdirmäge we kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Okuwçylara bilim bermekde innowasion tehnologiýalardan peýdalanmak bilen, sapagy garyşyk, barlag we gözegçilik, bilimleri we başarnyklary berkitmek esasynda guramak amatlydyr.

Sapaklarda ulanylýan innowasion-pedagogik tehnologiýalar diňe bir berilýän bilimiň netijeliligini artdyrman, eýsem, sapagyň wagtyny tygşytly ulanmagyna, okuwçylaryň gysga wagtyň dowamynda köp maglumatlary ýatda galyjy ýagdaýda kabul etmegine ýardam edýär.

Okatmagyň barşynda interaktiw usulyň ulanylmagy innowasiýanyň esasy diýlip hasaplanýar. Interaktiw usuly okuw döwrüni (düşünmegiň barşynda özara baglanyşykly ýagdaýda hereket edilmegini ýa-da birek-birege düşünilmegini) mugallymyň we okuwçylaryň topar bolup işleýän görnüşinde guramagyň usulyny aňladýar. Bu usul okuwçylara daşary ýurt dili öwredilende hem işjeň ulanylýar.

**Serdar ÝAZHANOW,**
**Halaç etrabyndaky 13-nji orta mekdebiň mugallymy.**

### OKUWÇYLARYŇ IŞJEŇLIGINI GAZANMAK

Häzirki döwürde bilim ulgamynda bolup geçýän ösüşleriň mysalynda ýaş nesil bilen işleşmegiň has-da jogapkärçilikli we döredijilikli ugra öwrülendigine şaýat bolýarys. Häzirki zaman tehnologiýalarynyň sapaklara ornaşdyrylmagy bilimiň hiline oňyn täsir edýär. Başlangyç synplarda guraýan sapaklarymyzda multimedia tagtasy arkaly taýýarlanýan okuw we görkezme esbaplaryny giňden ulanýarys. Bu mümkinçilik çagalaryň ünsüni jemlemekde, temalary düşnükli we şekilli görnüşde düşündirmekde örän netijeli bolýar. Esasan hem, sanlar, harplar, geometrik şekiller, suratlar bilen baglanyşykly temalarda şekiller arkaly maglumat bermek okuwçylaryň olary has tiz we çuňňur özleşdirmegine ýardam berýär. Sapak wagtynda audio we wideomateriallary ulanmak arkaly okuwçylaryň eşitmek, görmek ukyplaryny ösdürýäris. Bu bolsa okuwçylaryň diňe bir ýatda saklamak däl-de, düşünmek arkaly öwrenmek endiklerini ösdürýär. Şeýle mümkinçilikler olaryň sapaga bolan gyzyklanmasyny artdyrýar. Häzirki wagtda interaktiw usullar bilen okuwçylaryň gatnaşygyny güýçlendirýäris, olaryň tejribe bilen öwrenmegine mümkinçilik döredýän mysallar hem ulanylýar. Multimedia tagtasynda taýýarlanylan okuw esbaplary bilen işleşmek okuwçylaryň döredijilikli pikirlenmegine giň ýol açýar.

**Ýazbibi BABALYÝEWA,**
**Sakarçäge etrabyndaky 14-nji orta mekdebiň mugallymy.**

Hünärmeniň maslahaty

# Mekdep durmuşynda möhüm ugurlar

**On iki ýyllyk orta bilimiň gurluşynda şahsyýetiň ösüşiniň tapgyrlaýyn aýratynlyklary göz öňünde tutulandyr. Başlangyç, esasy we umumy orta bilim basgançaklaryny öz içine alýan 12 ýyllyk umumy orta bilim şahsyýetiň bilimleri, başarnyklary we endikleri ele almagyna, umumy medeniýetiniň kemala getirilmegine, onuň jemgyýetdäki durmuşa uýgunlaşmagy, hünär ugruny oýlanyşykly saýlap almagy üçin ähli şertleriň döredilmegine gönükdirilendir. Bilim basgançaklarynyň her biriniň özüne mahsus bolan aýratynlyklary bardyr, ýagny her bir täze basgançakda çaga bildirilýän talaplar öňküsinden has ýokarlanýandyr. Esasy bellemeli zat, ol hem başlangyç bilim basgançagyndan esasy orta bilim basgançagyna geçilýän döwrüň möhüm aýratynlygynyň bolmagydyr. Çaga bilim ulgamynda nobatdaky aýgytly ädimi ätlemeli bolýar. Çaganyň başlangyç bilim basgançagyny tamamlap, 5-nji synpda okap başlamagy, elbetde, onuň üçin çylşyrymly döwür hasap edilýär. Şeýlelikde, çaganyň ösüşiniň täze tapgyry başlanýar. Esasy orta bilim basgançagynda öwrenilýän ylmy ugurly dersleriň sany artýar. Bu geçişiň çaga üçin ýeňil bolmazlygy, dürli meseleleriň ýüze çykmagy mümkindir. Çaga birbada täze şertlere uýgunlaşmak aňsat düşmeýär. Esasy orta bilim basgançagynda çaga käbir üýtgeşmeler bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Ilki bilen, bellemeli zat, okuwçy diňe bir mugallym bilen däl-de, eýsem, birnäçe ders mugallymlary bilen işleşmeli bolýar. Başlangyç synpda esasy dersleri synp ýolbaşçysy, ýagny başlangyç synp mugallymy okadan bolsa, indi her bir dersi aýratyn mugallym okadýar. Olaryň hem özüne mahsus bolan häsiýetleri, usullary we talaplary bolýar. Başlangyç synpda çaga, esasan, şol bir synp otagynda okan bolsa, indi ol her bir dersi dürli otaglarda okamaly bolýar. Şeýlelikde, çagada täze borç emele gelýär, ol arakesmede otagdan otaga geçmeli, dürli gatlara galmaly we ýokary synp okuwçylary bilen ýygy-ýygydan gabatlaşmaly bolýar. 5-nji synpyň aýratynlyklarynyň ýene-de biri, ol hem çaga 4-nji synpdaky «iň ululardan» derejesinden, esasy orta bilim basgançagynda «iň kiçiler» hataryna geçýär. Okalýan dersleriň sany artýar. Çaga düşýän agram köpelýär, öwrenilmeli maglumatlaryň sany artýar. Özbaşdak hereket etmek zerurlygy ýüze çykýar.**

Başlangyç synplarda çaga mekdep döwründe synp ýolbaşçysynyň — başlangyç synp mugallymynyň doly gözegçiliginde bolýar. Başlangyç synp mugallymy çagalaryň ýetişigini, olaryň arasynda ýüze çykyp biljek ýagdaýlary doly gözegçilikde saklaýar. Ata-eneler bilen ysnyşykly gatnaşykda bolýar. Diýmek, öň mekdepde diňe bir mugallymyň doly gözegçiliginde bolan çaga indi belli bir erkinlige eýe bolýar. Olar özbaşdak otagdan otaga geçmeli, sapaga özbaşdak taýýarlanmaly, her bir mugallym bilen aýratynlykda ýüze çykan meseleleri çözmeli bolýarlar. Öň diňe okamak bilen meşgul bolýan çaga indi ondan daşary öz işini guramagy hem meýilleşdirmeli bolýar. Bu ýagdaýda käbir çagalar ünsüni okuwa jemlemekde kynçylyk çekip bilerler. Bilermenleriň belleýşi ýaly, 5-nji synp okuwçylarynyň täze şertlere öwrenişmek döwri bir aýdan bir ýyla çenli dowam edip biler. Täze şertlere uýgunlaşýan döwründe çagada aşakdaky ýagdaýlaryň ýüze çykmagy mümkindir: ýadawlyk we ysgynsyzlyk barada arzlar; tiz ýadamak we adatdakysyndan köp ýatmak; ýygy-ýygydan nähoşlamak; işdäsiniň bozulmagy we şuňa meňzeşler. Çaganyň özüni alyp barşy hem üýtgäp biler. Ýatdan çykarmak, alňasamak, ynjalyksyzlyk ýaly häsiýetler hem emele gelip biler. Şonuň üçin 5-nji synp okuwçyny esasy orta bilim basgançagynyň talaplaryna uýgunlaşdyryp başlamak zerurdyr.

Esasy orta bilimiň meýilnamasyna laýyklykda, okuwçylar ondan gowrak dersi öwrenýärler. Bu dersler boýunça öwrenilýän maglumatlary özleşdirmek üçin diňe okuw kitaplaryndan peýdalanmak ýeterlik däldir. Şonuň üçin goşmaça çeşmeler, görkezme esbaplar elýeterli bolsa, çaga uly ýardam bolar. Meselem, çaganyň otagynyň görnükli ýerinde köpeltmek tablisasyny ýa-da daşary ýurt diline degişli sözlük asylyp goýulsa, peýdasy uly bolar. Görkezme esbaplary satyn alyp ýa-da çylşyrymly bolmadyk görkezme esbaplary çaganyň özüne taýýarladyp hem bolar. Şeýle hem bir tarapynda daşary ýurt dilinde söz, beýleki tarapynda bolsa onuň terjimesi ýazylan dürli ýazmaçlary ulanmak amatly we peýdaly bolar.

Çaganyň ýetişigi bilen yzygiderli gyzyklanmaly, mesele çykan ýagdaýynda ara alyp maslahatlaşmaly. Eger-de wagtlaýyn ýetişik pese gaçsa, çaga igenmeli däl, oňa täze maglumatlary özleşdirmäge ýardam bermeli, ýagny ata-eneler çaganyň halypasy bolmaly. Bellenilişi ýaly, çaga hemme mugallym bilen birbada hoşniýetli aragatnaşygy ýola goýmak başartmaz. Hemme mugallymyň okuwça bildirýän talaby we ondan garaşýan zady birmeňzeş bolmaz. Täze şertlere çaga doly uýgunlaşýança birbada bahalarynyň pese gaçmagy mümkin. Şol sebäpli hem, başlangyç synplarda diňe 5-lige okan çaganyň bahasynyň pese gaçmagy, tersine, 3-lük okan çaganyň bahalarynyň ýokarlanmagy hem mümkin. Munuň üçin çagany ýazgarmak dogry däldir.

5-nji synpa gelen çaganyň täze şertlere tiz uýgunlaşmagynda mekdebe-de uly we möhüm orun degişlidir. Çaganyň okuw gurşawy düzgünleşdirilen we onuň üçin amatly bolmalydyr. Ilkinji sapaklarda geçilenleri gaýtalamagy ýola goýmak özüniň oňyn netijelerini berer. Çagalaryň özara oňyn gatnaşygynyň we arkalaşygynyň emele gelmegine ýardam berilmeli. Çaganyň täze şertlere tiz uýgunlaşmagynda okadýan mugallymlara esasy orunlaryň biri degişlidir. Mugallymlar çagany hemmetaraplaýyn goldamalydyrlar, çaganyň ýuwaş-ýuwaşdan dynç alyş döwründen okuw döwrüne doly geçmegine şert döretmelidirler we wagt bermelidirler. Täze maglumatlary özleşdirmäge, çaganyň öz ukybyna görä işlemegine mümkinçilik berilmelidir. Mekdepde özleriniň gatnaşmagynda bilelikdäki dürli çäreler guralsa, çagalaryň täze şertlere we mugallymlara tiz öwrenişmegine öz oňyn täsirini ýetirer.

Çaga başlangyç bilim basgançagyndan esasy orta bilim basgançagyna geçende, oňa hökman täze şertlere geçmäge ýardam berýän ýolgörkeziji gerek bolýar. Bu wezipe täze synp ýolbaşçysynyň üstüne düşýär. Onuň bolsa kuwwatly kömekçileri — synpyň okuwçylary bardyr. Eger-de mugallym çagalar bilen işi göwnejaý guramagy başarsa, onda çagalar biri-birine ýardamçy we egindeş bolup, olaryň hemmesi täze şertlere tiz öwrenişmäge mümkinçilik alarlar. Täze synp ýolbaşçysy başlangyç synp mugallymy bilen ýakyn aragatnaşykda bolmaly, sebäbi 4 ýyllap okadan mugallym her bir çaganyň häsiýetine we mümkinçiliklerine doly göz ýetirýär. Şu maglumatlary almak 5-nji synpyň ýolbaşçysyna uly goldaw bolar. Şeýle hem başlangyç synp mugallymy öz okadan çagalarynyň ýagdaýy bilen yzygider gyzyklansa we uýgunlaşma döwri doly geçýänçä täze synp ýolbaşça ýardam berse netijeli bolar.

Synp sagatlarynda ruhy we ahlak terbiýesi berilmelidir, Watana bolan söýgi duýgulary ösdürilmelidir. Dürli döredijilik we belli senelere bagyşlanan çäreler guralmalydyr. Çagalary mümkingadar gurnaklara gatnaşdyrmaly. Ders mugallymlary bilen ýakyndan aragatnaşyk saklamak, her bir çaganyň ýetişigi we aýry-aýry derslerden gazanýan üstünlikleri bilen gyzyklanmak has oňyn netijeleri berer. Ata-eneler bilen ýakyn aragatnaşykda bolmaly. Çaganyň aýratynlyklary, ýaşaýyş şertleri bilen gyzyklanmaly we tanyşmaly. Ilkinji ata-eneler ýygnagynda olara çagalary okadýan mugallymlar barada maglumat bermek has netijelisi bolsa, ýakyndan tanyş bolar ýaly, olaryň hem bu ýygnaga gatnaşmaklaryny guramak zerurdyr. Ata-enelere uýgunlaşma döwründe çagada ýüze çykyp biläýjek meseleler barada aýtmak we olary çözmegiň ýollary barada maslahatlary bermek hökmandyr. Ata-enelere çagasynyň ýetişigi we üstünlikleri bilen yzygiderli gyzyklanyp durmagy maslahat bermeli. Birbada çaganyň ýetişiginiň peselmeginiň mümkindigini, olaryň sebäplerini düşündirmeli, bu ýagdaý üçin darykmazlygy, çagalara ýardam bermegi ündemeli.

Ders mugallymlary hem çaganyň täze şertlere uýgunlaşmagynyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyrlar, öz tarapyndan çaga hemaýat we goldaw bermelidirler. Çaganyň säwlikleri üçin oňa gatyrganman, gaýta, onuň öz güýjüne bolan ynamyny artdyrmak üçin hoşamaý sözler bilen galkyndyrmalydyrlar. Her bir ders mugallymy öýe berilýän ýumuşlary ýerine ýetirmegiň amatly usullary barada çaga, zerur bolan ýagdaýda, ata-enelere-de maslahat bermelidir. Her sapagyň soňunda ýygra çagalaryň göwnüni galkyndyrmak maksady bilen, synpyň öňünde olaryň artykmaç taraplary barada aýtmak has oňat netijeleri berer. Çaganyň diňe mugallymyň ýardam bermeginde üstünlik gazanyp biljekdigini ýatdan çykarmaly däldir. Çagalara biperwaý garamak mugallymyň goýberip biljek säwlikleriniň iň esasylarynyň biridir.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, çaganyň tiz 5-nji synpa uýgunlaşmagy üçin ony gurşaýanlar ýüze çykyp biljek meselelerde oňa ýakyndan ýardam bermelidirler. Uýgunlaşyş döwri çagany goldamaly we hemaýat bermeli. Çaga wagtyny we okuwyny oýlanyşykly guramaga ýardam bermeli. Özbaşdaklyk we jogapkärçilik duýgularyny oýarmaly we berkitmeli. Çaganyň fiziki we ruhy saglygyna gözegçilik etmeli. Çaganyň mekdep bilen oňyn gatnaşykda bolmagyny gazanmaly.

**Hemra ARAMEDOW,**
**Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 28-nji orta mekdebiň müdiri, tehniki ylymlaryň kandidaty, Türkmenistanyň at gazanan bilim işgäri.**

# Milli miras — ruhy hazyna

***Başymyzyň täjine deňelýän eziz Watanymyzyň dünýädäki belent şöhraty, hormatly Prezidentimiziň beýik işleri diňe türkmen halkynyň arasynda däl, eýsem, halkara jemgyýetçiliginde giňden ykrar edilýär. Bu günki günde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam edýär, ata Watanymyz tutuş dünýäde ylalaşdyryjy döwlet, parahatçylygyň we asudalygyň, agzybirligiň we jebisligiň höküm sürýän ýurdy hökmünde giňden tanalýar.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz şu ýylyň 19-njy sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde eden taryhy çykyşynda şeýle belledi: «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe her bir ýaş raýatyň döwrebap bilim almagy bilen birlikde, milli buýsanç duýgusynyň kemala gelmegini gazanmagy hem öňümizde durýan örän möhüm wezipe hasap edýärin. Munuň özi ýaşlarymyzyň bilimleriniň we garaýyşlarynyň derejesini has-da ýokarlandyrmaga ýardam eder. Terbiýäniň özboluşly mekdebi bolan milli mirasymyzda Watany, topragy, zähmeti söýýän, päk ahlakly, edep-ekramly nesilleri ýetişdirmegiň ajaýyp däpleri jemlenendir». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, milli buýsanjy kemala getirmek üçin öz gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan maddy we ruhy gymmatlyklarymyza, milli mirasymyza aýratyn üns çekilýär.



Milli medeni mirasymyzda milletiň dörän gününden tä şu güne çenli dowam eden geçmişi, taryhy, pelsepesi, dili, edebiýaty, medeniýeti, döwlet gurluşy, sungaty, oýlanyş-pikirleniş aýratynlyklary — psihologiýasy jemlenen. Halkyň bu ruhy we aň gymmatlyklary taryhyň dürli eýýamlarynda käte daşa, käte hala, soňsoňlar bolsa golýazma kitaplara ýazylypdyr we olardan diňe bir türkmenler däl, eýsem, dünýäniň beýleki halklary hem peýdalanypdyrlar. Akyldar ata-babalarymyzyň, dana alymlarymyzyň ýazyp, nesillerimize, bütin adamzada miras galdyran kitaplarynyň gatlaryndaky pähim-paýhaslar şu günki türkmen nesliniň millet hökmünde özüni tanamagyna, geçmişine, şu gününe, geljegine göz ýetirmegine ruhy gymmatlyk bolup hyzmat edýär.

Gadymy türkmen halkymyzda däp-dessurlara, asylly ýörelgelere belent sarpa goýlupdyr.

Aýratyn belläp geçmeli zatlaryň biri hem taryhy eserlerde baý maglumatlar bar. Şu aşakdakylar Ýusup Has Hajybyň «Kutadgu Bilig» (Bagtly edýän bilim) eseriniň esasy ýörelgeleridir: «gönülik (adalat), «uzluk» (gowulyk), «düzlük» (deňlik), «kişilik» (adamkärçilik).

«Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» diýen türkmen halky gadymyýetden bäri uly tutumlaryň, il bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriň başyny tutmakçy bolanda öňürti ylymly, tejribeli, pähim-parasatly adamlar, ýaşulular bilen meseläni ara alyp maslahatlaşyp, soň durmuşa geçiripdirler. X asyryň birinji ýarymynda apbasy halyfy Muktediriň Idil-Bulgar hanlygyna iberen ilçilik toparynda kätip hökmünde saparda bolan Ibn Fazlanyň ýolboýy gören-eşidenleri barada ýazan syýahatnamasynda oguzlaryň işlerini maslahatlaşyp edýändiklerini aýratyn nygtap geçmegi türkmenlerde gadymyýetden bäri geňeşe, maslahata uly ähmiýet berlendigini aýdyň subut edýär. Garahanlylar, Gaznalylar, Beýik Seljuklar ýaly türkmen döwletlerinde gadymy türki halklaryndaky Gurultaý mejlisiniň ýerine «Diwan» diýip atlandyrlan geňeş mejlisleri döredilipdir. Jygaly beg:

**Ýaşulular geňeş etse,**
**Ýagşy-ýamana göz etse,**
**Il-halkyň bir iş tutsa,**
**Sen ondan galyjy bolma!**

— diýip, Görogla öwreden pent-nesihatlary hut şu günki günümiziň ýaşlaryna hem sapakdyr, ýörelgedir. Jygaly beg türkmen halkynyň däp-dessurlaryny, onuň kesp-kärini gyşarnyksyz berjaý eden halypadyr. Ol özüniň aty seýislemek, idetmek hünärini agtygyna öwredýär. Şol bir wagtyň özünde ol halypaçylyk hyzmatyny ýerine ýetirip, nesillere miras galdyrypdyr.

**Serdar HOJAMYRADOW,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.**

# DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLERDEN PEÝDALANYLÝAR

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ähli ösüşleriň binýadynda duran ylym-bilim ulgamyny ösdürmek babatda ýurdumyzda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Ýaşlaryň kämil bilim almagy, döwrebap hünärleri özleşdirmekleri üçin döwrebap mümkinçiliklerden netijeli peýdalanylýar.***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 19-njy sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň taryhy çykyşlarynda hem ýaş nesilleriň bilimleriniň we dünýägaraýyşlarynyň derejesini ýokarlandyrmaga aýratyn ähmiýet berilýändigi aýdyň nygtaldy. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşynda: «Garaşsyz ýurdumyzyň milli bilim ulgamy yzygiderli kämilleşdirildi. Ruhy taýdan kämil, giň dünýägaraýyşly ýaş nesilleri terbiýelemek boýunça netijeli işler alnyp barylýar» diýip belledi. Ylym-bilim örän uly gymmatlyk bolup, ol dünýäde asuda, abadan, parahat durmuşy kemala getirmegiň esasy binýady bolup durýar.

Bilşimiz ýaly, her ýylyň Bilimler we talyp ýaşlar güni Diýarymyzyň dürli künjeklerinde täze bilim ojaklarynyň açylyş dabaralary bilen utgaşýar. Eziz Watanymyzyň obadyr şäherlerinde täze, döwrebap orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň yzygiderli açylyp ulanylmaga berilmegi bilim ulgamynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda ösdürilýändigine, bu ugurda uly üstünlikleriň gazanylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyzyň bilim ojaklarynda häzirki wagtda döwrebap tehnologiýalardan peýdalanmak hem üstünlikli ýola goýuldy. Başlangyç synpdan başlap, kompýuterler bilen tanyşmak arkaly bilimler dünýäsine gadam basýan okuwçylar hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň adyndan milli önümimiz bolan «Bilimli» atly noutbuk kompýuteri sowgat alýarlar. Bu sowgatlaryna begenýän okuwçylar 1-nji synpy buýsanç bilen okaýarlar, öz öwrenmeli harplaryny uly gyzyklanma bilen öwrenýärler.

Umuman, bilim ulgamy adamzat ösüşiniň hereketlendiriji güýji hökmünde çykyş edip, kämillik derejesi geljek nesilleriň döwrüň öňe çykarýan meselelerine taýýarlygyny kepillendirýär. Kuwwatly döwlet, ösen jemgyýet bilim ulgamyny yzygiderli kämilleşdirip, şahsyýetleriň mynasyp ösmekleri üçin zerur şertleri döretmäge ukyply bolýar. Bilim geljekki ösüşlere badalgadyr. Eziz Diýarymyzyň täze belentlikleri nazarlaýan we ýaş nesilleriň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge



gönükdirilen bilim özgertmeleriniň geljekki müňýyllyklara tarap uzap gitjek aýdyň ýollarynda uly üstünlikler gazanylýar.

**Amanmuhammet IŞANOW,**
**Mary etrabyndaky 39-njy orta mekdebiň mugallymy.**

# YLYM-BILIMDE ÜSTÜNLIKLER

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bilim özgertmeleri durmuşa geçirilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ylym-bilim ulgamy barha belent sepgitlere ýetýär. Ylym-bilim ulgamynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri okatmagyň iň döwrebap ugurlaryny durmuşa geçirmek bolup durýar. Şunda sanly ulgamyň mümkinçilikleri, kompýuter tehnologiýalary möhümdir. Ýurdumyzda häzirki döwürde döwrüň talaplaryna laýyk gelýän ylmy-tehnologik enjamlar we okuw-tehniki serişdeler bilen üpjün edilen mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, orta we ýokary okuw mekdepleriň täze binalarynyň onlarçasy gurlup ulanmaga berildi. Munuň özi ýaş nesiller barada edilýän aladalardan nyşandyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň bilim ulgamy döwrüň talabyna laýyklykda ösýär, özgerýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde ylymly-bilimli, Watana, halka wepaly, giň gözýetimli ýaşlary terbiýelemek, häzirki zaman innowasion tehnologiýalaryndan oňat baş çykarýan, başarjaň hünärmenleri taýýarlamakda has ýokary netijeleri gazanmak, bäsleşige ukyply şahsyýeti kemala getirmek wezipeleri durýar. Bu işleriň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň» ähmiýeti uludyr. Konsepsiýanyň esasynda okuw işini nazaryýet we tejribe taýdan kämilleşdirmek bilen bagly işlere uly orun berilýär.

Ýurdumyzda ýokary hünärli ylmy işgärleri taýýarlamak we ýaşlarda ylma höwes döretmek boýunça birnäçe işler durmuşa geçirilýär. Bu babatda ýokary okuw mekdeplerinde alnyp barylýan işler uly ähmiýete eýedir. Ýaşlaryň ylym bilen meşgullanmagy üçin professor-mugallymlar halypalyk edýärler, nesil terbiýesi bilen bagly toplumlaýyn işleri durmuşa geçirýärler. Şunda mugallymlaryň baş maksady ylmy maglumatlar bilen üpjün etmek, täze açyşlar, ylmyň gazananlary barada düşündirmek bolup durýar. Umuman, bilim ulgamynda alnyp barylýan işler ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň aň-düşünjesiniň giňemegine, kämil hünärmenleriň, ýaş alymlaryň kemala gelmegine täsir edýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde ylym-bilimde döredilýän mümkinçilikler bilim işgärlerini döredijilikli işlemäge ruhlandyrýar.

**Gülnabat ATAÝEWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.**

# Dünýä dilleri öwrenilýär

***Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyz ykdysady, syýasy, medeni, ylmy we beýleki ugurlarda uly ösüşlere eýe bolýar. Häzirki ajaýyp döwrümizde ösüşlere goşant goşmak, belent üstünliklere buýsanmak bagtdyr. Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän netijeli işlere goşant goşmakda ýaş hünärmenleriň, bilimli ýaşlaryň orny uludyr. Şunda bilimiň, dünýä dillerini bilmegiň uly ähmiýeti bardyr. Ylym-bilimdäki täze maglumatlary öwrenmekde daşary ýurt dilini bilmek ähmiýetlidir. Dil bilmek we ony hünär ugrunyň aýratynlygyna laýyklykda ulanmagy başarmak ösüşleri üpjün etmek bilen bagly meseleleri düýpli seljermekde we netije gazanmakda ilkinji talaplaryň biri bolup durýar.***




Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlarymyz ene dilimizi we daşary ýurt dillerini diňe bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky umumy aragatnaşyk serişdesi hökmünde ulanman, ony hünär dili hökmünde ulanmaga girişdiler. Daşary ýurt dilleri döwrebap ösüşe itergi berýän aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat edýär. Şu nukdaýnazardan, daşary ýurt dillerini öwrenmek häzirki zaman adamlarynyň durmuşynda esasy orny eýeleýär. Beýleki halklaryň medeniýetini, däp-dessurlaryny öwrenmek, olar bilen tanyşmak, özara pikir alyşmak örän gyzyklydyr. Bu bolsa halkara gatnaşyklarda, durmuşyň köp ugurlarynda (ylymda, syýasatda, medeniýetde) ýaşlaryň netijeli hyzmatdaşlyk etmeklerine ýardam edýär.

Bellenilenlerden görnüşi ýaly, hünärmeniň dil taýýarlygyny kämilleşdirmek esasy ugurlaryň biridir. Islendik dili öwrenmäge çemeleşmeleriň çäginde umumylaşdyrylan usullar bardyr. Haýsy dili talybyň hünäri bilen baglanyşykly öwretmek isläniňde-de, belli-belli ykrar edilen usullardan peýdalanmak gerek bolýar. Şol usullar, hünär dilini öwretmegiň aýratynlyklaryna laýyklykda, mugallymdan döredijilikli işlemegi talap edýär. Hünär diliniň çäginde sözleýşi we ýazuwy öwretmegiň aýratynlyklary hökmünde, ilki bilen, hünär diliniň leksikasyny (doly we dogry) özleşdirmegiň ilkinji meseleler hökmünde orta çykýandygy hasaba alynmalydyr. Hünärmeniň dil taýýarlygynda her bir hünäre (hünärmeniň öz ugruna) degişli kär-hünär leksikasy bilen işlemek ony öwretmegiň usulyýetinden edilýän ilkinji talaplara degişlidir.

Kär-hünär leksikasy öwredilende, onuň diliň dürli stillerinde ulanylyşyny görkezmek maksadalaýykdyr. Belli bir hünär ugry boýunça ýöriteleşýän talyplara dil öwredilende, kär-hünär sözleri (professionalizmler) çeper ýa-da publisistik usulda adamyň kärini, işleýän wagtyny, ornuny, onuň aýratynlygyny suratlandyrmakda stilistik maksatlar bilen peýdalanylsa, edýän täsiri güýçli we ýatda galyjy bolýar.

Kär-hünär sözleridir adalgalar bir ýere toplanylandan soňra, mugallym elindäki dil maglumatlaryndan ýerlikli peýdalanmagy başarmalydyr. Mugallym, esasan hem, sapakda daşary ýurt dilinde sözleýşini, sorag bermek arkaly talybyň pikirlenişini, söz baýlygyny artdyrýar. Şunda gepleşikden peýdalanmak, şeýle gepleşikler esasynda (inžener, hünär, hünärmen, tehnika, tehnologiýa we ş.m. sözler babatda) leksikany düşündirmek hünär ugruna degişli sözleri öwretmekde oňaýly usullar hasaplanylýar.

Häzirki wagtda dil öwretmegiň döwrebap usullary kemala gelýär. Öwretmegiň usullarynyň çägi ýokdur, olar köp dürlüdir. Olardan iň peýdalylaryny saýlap almak mugallymyň başarnygyna baglydyr. Esasy maksat talyplara hünäriniň çäginde öz ene dilinden başga-da, daşary ýurt dillerini öwretmelidir.

Görşümiz ýaly, dil bilmek, dünýä dillerinden habarly bolmak giň mümkinçilikleri açýar, ösüşlere badalga berýär. Ähli babatda hem diliň ähmiýeti, wajyplygy duýulýar we bu ugurdan milli hünärmenlerimiz, dilçilerimiz, ýaşlarymyz oňat baş çykarýarlar. Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän beýik işleriniň netijesinde, ýaşlarymyzyň zehinli bolmaklary biziň her birimiziň başymyzy göge ýetirýär, köňül guşumyzy ganatlandyrýar.

**Arzygül ATDAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň mugallymy.**

# BAGTYÝAR DURMUŞYŇ BINÝADY

Durmuşyň hözirini görüp ýaşaýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyzyň ähli raýatlarynyň, şol sanda mermer paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň ýürekleri Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza buýsançdan doly. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşy has-da gowulanýar, uly özgertmeler durmuşa geçirilip, bagtyýar ýaşaýyş üçin ähli şertler döredilýär.

Diýarymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda Aşgabat şäherine döwrebap, kämil enjamlar bilen enjamlaşdyrylan ýolagçy awtobuslarynyň 700-siniň gelip gowuşmagy ildeşlerimizi diýseň begendirdi. Wideokameralar bilen üpjün edilen awtobuslar rahatlygy, dolandyrmagyň ykjamlygy, energiýa netijeliligi bilen hem tapawutlanýar.

Bilşimiz ýaly, her ýylyň 1 — 30-njy sentýabry aralygynda ýurdumyzda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly ýol hereketiniň howpsuzlygynyň biraýlygynyň geçirilmegi hem halkymyzyň abadançylygyny gorap saklamak bilen baglanyşykly asylly maksatlardan ugur alýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gözel Diýarymyzyň döwrebap ýollary, täze hem kämil awtobuslary durmuşymyzy has-da gözelleşdirýär. Häzirki bagtyýar zamanamyzda oňyn özgertmeleriň netijesinde günsaýyn ösýän ýurdumyzda ulaglaryň sanynyň köpelýändigi göz öňünde tutulyp, döwrebap awtoduralgalar gurulýar, şeýle hem sürüjiler we pyýadalar bilen ýol hereketiniň howpsuzlygy barada möhüm işler amala aşyrylýar. Ýol gözegçilik gullugynyň işgärleri bilen bilelikde geçirilen çärelerde ýol hereketiniň kadalary barada giňişleýin gürrüň edildi. Bu bolsa, aýratyn hem, ýaş nesliň ýol hereketi baradaky düşünjeleriniň baýlaşmagyna, köçelerde seresap bolmagyna kömek edýär. Köçe-ýol hereketiniň düzgünlerine bagyşlanan dürli okuw bäsleşikleri, wagyz-nesihat çäreleri çagalaryň hereket howpsuzlygynyň düzgünlerine düşünjeli çemeleşmegine ýardam etdi.

**Yhlasdurdy BERDIÝEW,**
**Aşgabat şäher häkimliginiň Jemagat hojalygy müdirliginiň tehniki tükelleýiş edarasynyň baş hünärmeni.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4833001500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-117214

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.